“TASSYKLAÝARYN”
Maýa Kulyýewa adyndaky
Türkmen milli konserwatoriýasynyň
rektory __________ R.Amangeldiýew

“TASSYKLAÝARYN”
“Gujurly bilim merkezi” hojalyk
jemgyýetiniň baş
direktory __________ K.Agajykow

“TASSYKLAÝARYN”
Türkmenistanyň Senagatçylar we
telekeçiler partiýasynyň Aşgabat şäher
komitetiniň
başlygy __________ S.Setdarow

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan döwlet ähmiýetli işlerini dowam etdirýän Türkmenistanyň Hormatly Prezidentiniň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýaş neslimizi giň dünýägaraýyşly, hemmetaraplaýyn kämil şahsyýetleri terbiýeläp ýetişdirmek baradaky yzygiderli berýän tabşyryklaryny ýerine ýetirmek hem-de ýaşlarda kitaba bolan sarpany, okamaga bolan höwesini artdyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň Aşgabat şäher komiteti hem-de Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasy tarapyndan geçiriljek kitap okamak bäsleşiginiň

# D Ü Z G Ü N N A M A S Y

## 1. Bäsleşigiň maksady we wezipesi

“Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy” ýylynda ýurdumyzda uludan bellenip geçiljek “Halkara Bitaraplyk” güni mynasybetli, Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan Ýaşlar syýasatyny wagyz etmek.
- Gahryman Arkadagymyzyň: “*Kitap ynsanyýetiň baş baýlygydyr, sermaýasydyr, döwürleriň, nesilleriň we medeniýetleriň arasyndaky arabaglanyşygy özünde jemleýän bilimler çeşmesidir. Kitapsyz öý ýüreksiz beden ýalydyr. Ol ynsana hormat goýmagy öwredýär, bagtyýar durmuşda ýaşamagyň ýoluny salgy berýär. Watana, halka bolan beýik buýsanjy terbiýeleýär*” diýen pähimli parasatyndan ugur alyp, ýaşlaryň kitap okamaga höweslerini artdyrmak;

## 2. Geçiş tertibi we umumy bellikler

Kitap okamak bäsleşigi Nurmyrat Saryhanowyň “Şükür bagşy” powestinden geçiriler;
- Bäsleşik Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň isleg bildirýän talyplarynyň arasynda geçirilýär.

- Ýeňijilere guramaçylar tarapyndan Hormat hatlary hem-de höweslendiriji sowgatlar gowşurylar.
- Sylaglandyryş dabarasynyň guramaçylygyna Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasy jogapkär;

## 3. Bäsleşiginiň umumy düzgünleri

1. Synag test görnüşinde geçiriler.
2. Synagda kitapda geçýän käbir sözleriň manysy, sinonimi, antonimi hem soralyp bilner.
3. Ýalňyş jogaplar umumy gazanan balyňyzy peseldýär!
4. Soraglar diňe hödürlenen kitapdan soraljakdyr!
5. Baly 80-den pes bolan gatnaşyjylar derejelendirmäge degişli däldir!
6. Bäsleşik türkmen dilinde geçiriler.
7. Synaga diňe hasaba alnan talyplar gatnaşyp bilerler.

## 4. Synagyň geçiriljek ýeri

Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasy, Aşgabat şäheri;

## 5. Bäsleşigiň senesi

**01.11.2024**- bäsleşigi yglan etmeli
**15.11.2024**- çenli gatnaşyjylary hasaba almaly.
**03.12.2024**- synag
**09.12.2024**- baýrakly orunlara mynasyp bolanlary sylaglamak dabarasy
Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynda geçiriler.

**Bäsleşigiň guramaçylygyna jogapkärler:**

1. Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň Ýaşlar guramasynyň başlygy L.Jümmiýewa.
2. Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň Ýaş alymlar geňeşiniň başlygy G.Bazarowa.
3. TSTP-niň Aşgabat şäher komitetiniň başlygynyň orunbasary B.Amanmyradow.
4. TSTP-niň Aşgabat şäher komitetiniň Guramaçylyk bölüminiň müdiri S.Atakişiýewa
5. TSTP-niň Aşgabat şäher komitetiniň işjeň agzasy, “Gujurly bilim merkezi” hojalyk jemgyýetiniň baş direktory K.Agajykow.
6. TSTP-niň Aşgabat şäher komitetiniň işjeň agzasy, “Gujurly bilim merkezi” hojalyk jemgyýetiniň Änew şahamçasynyň okuw terbiýeçilikişleri boýunça orunbasary M.Atabaýew.